# Bardyr

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bardyr BARDYR

Bir bigäne öwse, çyndan – oýundan,
Onuň öwgüsiniň bir zady bardyr.
Garga deý wehim kyl, häzir bol ondan,
Şelaýyn sözlerde müň jady bardyr.

Zynjyr urman, aldyň elden erkimi,
Ýürek darka-darka takyr ýer kibi.
Zordan çekdim öň biriniň derdini,
Her yşkyň bir jüre perýady bardyr.

Bu bahar aşyklar meýlisi bolsa,
Kebelek dälirär beýnisi bolsa,
Çölde ýatan Kaýsyň Leýlisi bolsa,
Daglarda Şiriniň Perhady bardyr.

Yşka düşen yşk öňünde ejizdir,
Söýgä diňe söýgiň özi kepildir.
Aşyklar aglasa, gözýaşy sildir,
Gözden gözýaş alan derýasy bardyr.

Taňrym hak kelamyn çyn sözlä berse,
Dana sözi tapar kim gözläberse.
Çyn aşyk az geplär, köp sözläberse,
Başynyň içinde yrýasy bardyr.

* * *

Şirmaýy daragyn alyp eline,
Saçy şana uran gyzy gördüňmi?
Şol altyn saçlaryň kemendi bile,
Bize duzak guran gyzy gördüňmi?

Deňiz öz kenary bilen erjeşip,

Barýar duran sarsmaz gaýany deşip.
Gelýän däli tolkun bilen dikleşip,
Möwç öňüne uran gyzy gördüňmi?

Oýandym aýagma degen dessine,
Uklan deňiz gelen eken essine.
Soň başlady öz möwç urmak kesbine,
Şu kenarda ýören gyzy gördüňmi?

Soňra gaý başlady, ýyldyrym çakdy,
Ýyldyrym bulutlaň böwrüni ýakdy.
Meger, gaýga galdy, deňizde akdy,
Suw düýbüne baran gyzy gördüňmi?

Heý, akarmy, meni oýnap gidendir,
Ýa öýkeläp, ýa-da aýnap gidendir.
Ýa bir başga ýigdi saýlap gidendir,
Oň gidenni gören gyzy gördüňmi?

▶ ÜÇ SETIRLIKLER

Hünärsiz gussadan, gaýgydan öler.
Hünärli dünýäniň minnetin çekmez,
Gaýta ol dünýäniň aýbyna güler.

* * *

Öňe seredýän bagban hoz eker, güjüm eker.
Geljekden gorkýan adam
Geçmişe hüjüm eder.

* * *

Alaç ýok aglaýmasaň,
Näsaz goşgy juda kän,
Saz ýazyp sazlaýmasaň.

* * *

Näme ýazyp, nä okyrsyň?

Sen bir beýik ýigit, çünki,
Bizden ýokarda otyrsyň.

Atamyrat ATABAÝEW,
Türkmenistanyň Halk ýazyjysy. Goşgular